| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2015-nji ýylyň 14-nji maýynda 871 belgi bilen bellige alynan** | **Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2015-nji ýylyň 1-nji maýynda çykaran 50-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy** |

**Býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdelerini emele getirmegiň, meýilnamalaşdyrmagyň, harçlamagyň, hasaba almagyň we olar boýunça hasabatlylygy alyp barmagyň**
**TERTIBI**

## I. Umumy düzgünler

1. Býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdelerini emele getirmegiň, meýilnamalaşdyrmagyň, harçlamagyň, hasaba almagyň we olar boýunça hasabatlylygy alyp barmagyň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) "Býujet ulgamy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän edaralaryň býujetden daşary serişdelerini emele getirmegiň, meýilnamalaşdyrmagyň, harçlamagyň, hasaba almagyň we olar boýunça hasabatlylygy alyp barmagyň düzgünlerini kesgitleýär.

2. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän edaralaryň (kärhanalaryň, guramalaryň) (mundan beýläk – býujet edaralary) ygtyýarlygynda býujetden daşary serişdeleri bolup biler.

3. Býujet edaralarynyň Türkmenistanyň Döwlet býujetinden özlerine bölünip berilýän serişdelerden başga öz ygtyýarlygyna alynýan şu aşakdaky serişdeleri býujetden daşary serişdeler bolup durýar:

1) önümleri ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary etmekden ýa-da beýleki girdeji getirýän işi amala aşyrmakdan, şol sanda enjamlary, ulag serişdelerini we gurluşyk desgalaryny (binalary) kärendä bermekden, goşmaça okuw häsiýetli bölümleriň, hojalyklaryň, ussahanalaryň önümçilik işinden gelýän girdejiler;

2) olaryň esasy işine laýyk gelýän beýleki çäreleri geçirmekden, şol sanda muzdsuz maksatlaýyn gatançlar we haýyr-sahabat, şeýle hem hemaýatkärçilik goldawy görnüşinde alynýan serişdeler;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik maksatlaýyn maliýeleşdirmek üçin maksatly häsiýetli beýleki serişdeler.

4. Býujetden daşary serişdeler önümleri ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek boýunça işleriň görnüşine baglylykda gelip gowuşmalaryň emele gelşiniň aýratyn çeşmelerinden ugur almak bilen görnüşlere bölünýär (toparlanýar).

5. Býujetden daşary serişdeleriň aýratyn görnüşleriniň hereketi beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýän halatlarynda şu Tertip olara degişli däldir.

6. Býujet serişdelerine ygtyýarlyk etmek hukugy berlen býujet edaralarynyň ýolbaşçylary (mundan beýläk – ygtyýarlyk edijiler) býujetden daşary serişdelere ygtyýarlyk edýärler.

7. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda ýokarda duran guramalara garamagyndaky býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdelerine ygtyýarlyk etmek hukugy berilmeýär.

8. Býujet edaralarynyň maliýe-hojalyk işine derňewleri we barlaglary amala aşyrýan edaralar we guramalar, şol bir wagtyň özünde olarda bar bolan býujetden daşary serişdeleriň emele getirilişiniň kanunalaýykdygyny, olaryň maksadalaýyk we tygşytly harçlanylyşyny, şeýle hem şol serişdeler boýunça hasaba almagyň we hasabatlylygy alyp barmagyň dogrulygyny barlaýarlar.

## II. Býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdelerini emele getirmegiň (ýatyrmagyň) tertibi

9. Merkezleşdirilen ýa-da ýerli býujetlerden maliýeleşdirilýän edaralar boýunça býujetden daşary serişdeler Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda diňe Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň rugsady (rugsatnamasy) bilen emele getirilýär. Şunda rugsatnamalar ministrlik, pudak edarasy, müdirlikler, bölümler we bir görnüşli edaralar boýunça berlip bilner.

Rugsatnamalarda býujetden daşary serişdeler boýunça gelip gowuşmalaryň çeşmeleri bellenýär we olary harçlamagyň maksatlary kesgitlenýär.

Býujetden daşary serişdeleri emele getirmek üçin rugsatnamalary bermek baradaky meselelere seretmeklik býujet edaralarynyň ýokarda duran guramalarynyň üsti bilen resmi ýüztutmasy boýunça Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

10. Býujetden daşary serişdeleri bellemek (täze görnüşlerini emele getirmek) barada teklipler taýýarlanylanda Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň degişli müdirlikleri hem-de welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleri we etraplaryň, şäherleriň maliýe bölümleri olaryň emele getirilmeginiň maksadalaýykdygyny öwrenmelidirler.

11. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň Gazna müdirliginde, ýerli maliýe edaralaryň gaznaçylyk birliklerinde býujet edaralary üçin býujetden daşary serişdeleriň gelip gowuşmagy we çykdajy edilmegi bilen bagly amallary geçirmek maksady bilen gaznaçylyk (atly) hasaplar (mundan beýläk - býujetden daşary hasap) açylýar.

Şu Tertibiň 9-njy bölüminde görkezilen rugsatnama býujetden daşary hasaby açmak üçin esas bolup durýar.

12. Býujetden daşary serişdeleri alýan býujet edaralary önümleriniň (işleriniň, hyzmatlarynyň) nyrhlaryny (bahalaryny), eger-de Türkmenistanyň

kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, özbaşdak kesgitleýärler. Önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) nyrhlary (bahalary) ykdysady taýdan esaslandyrylan hem-de degişli hasaplamalar bilen delillendirilen bolmalydyr.

13. Býujetden daşary serişdeleri ýatyrmak, olary emele getirmek barada çözgüt çykaran edara tarapyndan amala aşyrylýar.

## III. Býujetden daşary serişdeleriň girdeji-çykdajy sanawlaryny düzmegiň we tassyklamagyň tertibi

14. Býujetden daşary serişdeleri bolan býujet edaralary her ýylda býujetden daşary serişdeler boýunça girdeji-çykdajy sanawlaryny düzýärler.

Aýratyn halatlarda maksatlaýyn maliýeleşdirmek üçin maksatly häsiýetli serişdeler girdeji-çykdajy sanawyny düzmezden ulanylyp bilner.

Býujetden daşary serişdeleriň girdeji-çykdajy sanawy (özbaşdak ýa-da jemleýji) – bu býujet edaralary tarapyndan 1-nji ýanwardan başlanyp 31-nji dekabrda tamamlanýan senenama ýylyna deň bolan bir maliýe ýyly üçin düzülýän, olaryň býujetden daşary hasaby boýunça serişdeleriniň gelip gowuşmagynyň we çykdajy edilmeginiň meýilnamasy bolup durýan resminamadyr (mundan beýläk – girdeji-çykdajy sanawy).

Girdeji-çykdajy sanawy býujetden daşary serişdeleriň her bir görnüşi boýunça şu Tertibiň 1-nji goşundysyna laýyklykda düzülýär.

15. Girdeji-çykdajy sanawy, býujet edarasynyň hasaba alnyşy özbaşdak alyp barylýandygyna ýa-da merkezleşdirilen hasaphana tarapyndan hyzmat edilýändigine garamazdan, her bir edara boýunça düzülýär. Merkezleşdirilen hasaphana tarapyndan hyzmat edilýän edaralaryň girdeji-çykdajy sanawlary şol hasaphananyň degişli işgärleri tarapyndan hyzmat edilýän edaralaryň ýolbaşçylary bilen bilelikde düzülýär.

16. Girdeji-çykdajy sanawyň girdeji bölegine meýilnamalaşdyrylýan ýylda býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdeleriniň degişli görnüşi boýunça gelip gowuşmagy göz öňünde tutulýan möçberi hem-de býujetden daşary serişdeleriň şol görnüşi boýunça meýilnamalaşdyrylýan ýylyň başyndaky galyndysy goşulýar, bu serişdeleriň jemi umumy girdejileri emele getirýär.

Girdeji-çykdajy sanawy düzülende býujet edarasynda ýylyň başynda bar bolan, býujetden daşary serişdeleriň hasabyna satyn alnan haryt-maddy gymmatlyklaryň galyndysy, şeýle hem býujetden daşary serişdeleriň hasabyna hasaplaşyklar boýunça emele gelen algy-bergiler hasaba alynmaýar.

17. Girdeji-çykdajy sanawynda çykdajylar Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanylýan býujet toparlanmasynyň maddalary boýunça bölmek bilen göz öňünde tutulýar.

Wezipe sanawyndaky işgärleriň zähmet haky üçin çykdajylar býujetden daşary serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýan işiň möçberine baglylykda, şoňa meňzeş ugurda işi alyp barýan edaralaryň we guramalaryň mysaly wezipe sanawlaryna, iş agramynyň kadalaryna we aýlyk wezipe zähmet hakynyň

möçberlerine deňeçer, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen aýlyk zähmet hakyna goşmaça haklar we tölegler esasynda hasaplanýar.

Girdeji-çykdajy sanawynyň beýleki maddalary boýunça çykdajylaryň möçberleri, olaryň hakyky zerurlygy göz öňünde tutulyp kesgitlenýär we bellenen ölçegler, tarifler we nyrhlar (hereket edýän ulgam görkezjileri) boýunça, olar bolmadyk halatynda bolsa, hasabat maglumatlary boýunça emele gelen ortaça möçberler boýunça hasaplanýar.

18. Girdeji-çykdajy sanawynda býujetden daşary serişdeleriň kesgitli görnüşi boýunça umumy çykdajylaryň möçberi umumy girdejileriň möçberinden ýokary bolmaly däldir.

19. Eger býujetden daşary serişdeleriň kesgitli bir görnüşi boýunça girdejileriň möçberi býujetden daşary serişdeleriň şol görnüşi boýunça çykdajylaryň möçberinden köp bolan halatynda, girdeji-çykdajy sanawynda girdejileriň çykdajylardan artyk gelýän möçberi görkezilýär.

20. Býujetden daşary serişdeleri bar bolan býujet edaralary „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi kanuny hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda salgytlary we býujete tölegleri töleýjiler bolup durýarlar, şeýle hem bellenen tertipde maksatly geçirmeleri geçirýärler.

Degişli býujetiň girdejilerine geçirilmeli salgytlaryň we tölegleriň jemleri girdeji-çykdajy sanawynda aýratyn görkezilýär.

21. Býujet edaralary tarapyndan düzülen girdeji-çykdajy sanawyna, şol edaralaryň býujet serişdeleriniň çykdajy sanawyna gol çekýän wezipeli adamlar tarapyndan gol çekilýär.

Girdeji-çykdajy sanawyna, býujet edarasynyň meýilnamalaşdyryş-maliýe bölüminiň ýolbaşçysynyň ýa-da baş hasapçysynyň (onuň orunbasarynyň) gollary çekilen aşakdaky resminamalar goşulmalydyr:

a) býujetden daşary serişdeler boýunça girdejileriň we çykdajylaryň möçberlerini kesgitleýän edaranyň işiniň hasaplama görkezijileri;

b) girdejileriň çeşmeleri boýunça hasaplamalar;

ç) ýerlenilýän önümleriň, ýerine ýetirilýän işleriň, edilýän hyzmatlaryň gymmatynyň hasaplamalaryny we nyrhlarynyň esaslandyrmalaryny goşmak bilen bahalar;

d) çykdajylaryň her bir maddasy boýunça hasaplamalar;

e) haýsy çözgüde laýyklykda býujetden daşary serişdeleriň emele getirilendigi (çözgüdiň (kararyň, buýrugyň) belgisi, senesi we şol çözgüdi kabul eden edaranyň ady) beýan edilen düşündiriş ýazgysy.

23. Merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän býujet edaralary girdeji-çykdajy sanawyny iki nusgada ýokarda durýan guramalaryna berýärler.

Ýerli býujetlerden maliýeleşdirilýän býujet edaralary girdeji-çykdajy sanawyny iki nusgada ýerli derejedäki ýokarda durýan guramalaryna berýärler.

Tabynlygyndaky býujet edaralarynyň girdeji-çykdajy sanawlaryny alýan guramalar bu sanawlara seredip, býujetden daşary serişdeleri emele getirmegiň

kanunalaýyklygy, girdejileriň doly we dogry hasaplanyp çykarylyşy, serişdeleriň maksatlaýynlygy, çykdajylar hasaplananda tygşytlylygyň berjaý edilişi, býujete geçirilmeli salgytlaryň möçberleriniň dogry kesgitlenilşi babatda hem barlaýarlar.

24. Tabynlygyndaky ähli býujet edaralarynyň girdeji-çykdajy sanawlarynyň esasynda býujetden daşary serişdeleriň görnüşlerine bölmek bilen şu Tertibiň 2-nji goşundysyna laýyklykda jemleýji girdeji-çykdajy sanawlary düzülýär:

1) ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan Merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän býujet edaralary boýunça;

2) häkimlikleriň müdirlikleri we bölümleri tarapyndan ýerli býujetlerden maliýeleşdirilýän býujet edaralary boýunça.

25. Şunuň bilen birlikde, ministrlikler we pudak edaralary, häkimlikleriň müdirlikleri we bölümleri özleriniň gönüden-göni ygtyýarlygyndaky býujetden daşary serişdeleri boýunça aýratyn girdeji-çykdajy sanawlaryny düzýärler, olar jemleýji girdeji-çykdajy sanawlaryna goşulmaýar.

26. Geljek ýyl üçin Döwlet býujetiniň taslamasynyň hasaplama görnüşleri bilen bir wagtda:

1) ministrlikler we pudak edaralary – tabynlygyndaky Merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän edaralary boýunça jemleýji girdeji-çykdajy sanawlaryny üç nusgada we tabynlygyndaky býujet edaralarynyň özbaşdak girdeji-çykdajy sanawlarynyň sanawyny (reýestrini), degişlilikde Türkmenistanyň Maliýe ministrligine berýärler.

2) häkimlikleriň müdirlikleri we bölümleri – tabynlygyndaky ýerli býujetlerden maliýeleşdirilýän býujet edaralary boýunça jemleýji girdeji-çykdajy sanawlaryny üç nusgada we tabynlygyndaky býujet edaralarynyň özbaşdak girdeji-çykdajy sanawlarynyň sanawyny (reýestrini), welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliklerine, etraplaryň we şäherleriň maliýe bölümlerine berýärler.

3) ýerli býujetlerden maliýeleşdirilýän we göniden-göni ministrlige (döwlet dolandyryşynyň merkezi edarasyna) tabyn bolan býujet edaralary üç nusgada ýerli maliýe edaralaryna berýärler.

Ministrlikler, pudak edaralary, häkimlikleriň müdirlikleri we bölümleri jemleýji girdeji-çykdajy sanawlary bilen birlikde, gönüden-göni öz ygtyýarlygyndaky býujetden daşary serişdeler boýunça girdeji-çykdajy sanawlaryny hem üç nusgada berýärler.

Berilýän girdeji-çykdajy sanawlaryna girdejiler we çykdajy maddalary boýunça gerekli hasaplamalar goşulýar.

27. Berilýän girdeji-çykdajy sanawlaryna, degişliligi boýunça, Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň pudak müdirlikleri, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriniň Jemleýji býujet bölümleriniň pudak bölümçeleri, etraplaryň we şäherleriň maliýe bölümleri býujet bölümçeleri tarapyndan seredilýär. Olar býujetden daşary serişdeleriň emele getirilişiniň kanunalaýyklygy, serişdeleriň gönükdirilen ugurlarynyň dogrulygy, girdejileriň doly we dogry hasaplanandygy, çykdajylary hasaplamakda tygşytlylyk düzgüniniň

berjaý edilişi, býujetiň girdejilerine geçirilmäge degişli salgytlaryň dogry hasaplanandygy babatda barlaýarlar.

Zerur bolan halatynda, býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdeleriň jemleýji girdeji-çykdajy sanawlarynyň düzülmegine esas bolan girdeji-çykdajy sanawlary hem barlamak üçin talap edilip bilner.

28. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň pudak müdirlikleri tarapyndan Döwlet býujetiniň taslamasyna seredilende Merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän býujet edaralary boýunça jemleýji girdeji-çykdajy sanawlaryna hem-de ministrlikleriň we pudak edaralarynyň gönüden-göni ygtyýarlygyndaky býujetden daşary serişdeler boýunça girdeji-çykdajy sanawlaryna seredilýär.

Berlen resminamalar boýunça bellikler bolan ýagdaýynda olary düzetmek we doly işlemek üçin yzyna gaýtarylýar.

29. Türkmenistanyň geljek ýyl üçin Döwlet býujeti tassyklanandan soň meýilnama maliýe ýylyň dowamynda gelip gowuşmagy meýilleşdirilen jemleriň çäklerinde gutarnykly ylalaşylan girdeji-çykdajy sanawlary pudak müdirligiň jogapkär işgäriniň we ýolbaşçysynyň gol çekilmegi bilen Türkmenistanyň Maliýe ministrine ýa-da gözegçilik edýän ministriň orunbasaryna ylalaşmak üçin berilýär.

Tassyklanan (ylalaşylan) girdeji-çykdajy sanawlarynyň birinji nusgasy Maliýe ministrliginiň pudak müdirlikleri tarapyndan degişli ministrliklere we pudak edaralaryna ýetirilýär, ikinji nusgasy pudak müdirlikleriniň öz bölümlerinde galýar, üçünji nusgasy Gazna müdirligine berilýär.

Soňra, ministrlikler, pudak edaralary tassyklanan (ylalaşylan) girdeji-çykdajy sanawlarynyň esasynda ýokarda görkezilen girdeji-çykdajy sanawlarynyň görkezijileriniň ministrlik, pudak edara boýunça (Merkezleşdirilen býujet boýunça) jemlenen görnüşini Maliýe ministrliginiň Döwlet býujeti müdirligine, Döwlet býujeti müdirligi tarapyndan bellenen nusga boýunça berýärler.

Berlen maglumatlarynyň esasynda Döwlet býujeti müdirligi Merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän hemme edaralaryň ähli girdeji-çykdajy sanawlarynyň jemlenen görnüşini düzüp, Ministriň ýa-da onuň orunbasarynyň garamagyna tassyklamak üçin berýär, ol Merkezleşdirilen býujetiň girdejileriniň we çykdajylarynyň ýazgysyna goşundy bolup durýar.

30. Welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleri Türkmenistanyň Maliýe ministrligine ýerli býujetleriň taslamalaryny bermek bilen bir wagtda býujetden daşary serişdeler boýunça maglumatlary hem berýärler.

31. Ýerli býujetden maliýeleşdirilýän býujet edaralarynyň jemleýji girdeji-çykdajy sanawlary, häkimlikleriň müdirlikleriniň we bölümleriniň gönüden-göni ygtyýarlygyndaky býujetden daşary serişdeleriniň girdeji-çykdajy sanawlary, şeýle hem ýerli býujetlerden maliýeleşdirilýän we göniden-göni ministrlige (döwlet dolandyryşynyň merkezi edarasyna) tabyn bolan býujet edaralarynyň girdeji-çykdajy sanawlary Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan iberilýän (ýetirilýän) ýylyň dowamynda gelip gowuşmaly möçberleriň çäklerinde gutarnykly ylalaşylandan soň welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriniň, etraplaryň, şäherleriň maliýe bölümleriniň başlyklary tarapyndan ylalaşylýar.

Tassyklanan (ylalaşylan) girdeji-çykdajy sanawlarynyň birinji nusgasy degişli býujet edaralaryna iberilýär, ikinji nusgasy býujet bölüminde galýar, üçünji nusgasy gazna bölümine berilýär.

Ýokarda görkezilen girdeji-çykdajy sanawlar tassyklanandan soňra welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleri, etraplaryň, şäherleriň maliýe bölümleri degişli ýerli býujetden maliýeleşdirilýän ähli býujet edaralarynyň girdeji-çykdajy sanawynyň görkezijileriniň umumy jemlenen görnüşini düzýärler we tassyklaýarlar, ol ýerli býujetiň girdejileriniň we çykdajylarynyň ýazgysyna goşundy bolup durýar.

32. Türkmenistanyň ministrlikleri we pudak edaralary, tassyklanylan girdeji-çykdajy sanawlaryny alanlaryndan soň, olarda görkezilen möçberleriň çäklerinde:

a) tabynlygyndaky merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän her bir býujet edarasy boýunça özbaşdak girdeji-çykdajy sanawyny tassyklap berýärler;

b) garamagynda býujet edaralary bar bolan tabynlygyndaky guramalar üçin býujetden daşary serişdeleriň her bir görnüşi boýunça jemleýji girdeji-çykdajy sanawlary belleýärler.

Welaýatlaryň, şäherleriň we etraplaryň häkimlikleriniň müdirlikleri we bölümleri tassyklanylan girdeji-çykdajy sanawlaryny alanlaryndan soň, olarda görkezilen möçberleriň çäklerinde:

a) tabynlygyndaky ýerli býujetden maliýeleşdirilýän her bir býujet edarasy boýunça özbaşdak girdeji-çykdajy sanawyny tassyklap berýärler;

b) garamagynda býujet edaralary bar bolan tabynlygyndaky guramalar üçin býujetden daşary serişdeleriň her bir görnüşi boýunça jemleýji girdeji-çykdajy sanawlary belleýärler.

Ministrlige, pudak edarasyna, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlikleriniň müdirligine, bölümine gönüden-göni tabyn bolmadyk her bir býujet edarasynyň girdeji-çykdajy sanawy, şol býujet edarasynyň ýokarky guramasy tarapyndan, bu gurama üçin bellenen jemleýji girdeji-çykdajy sanawynyň çäklerinde tassyklanýar.

Şunda, ýokarda görkezilen her bir býujet edarasynyň (guramanyň) özbaşdak girdeji-çykdajy sanawyny ýokarda durýan guramasy tassyklap (belläp) berende, bu girdeji-çykdajy sanawynyň maliýe edarasy tarapyndan ylalaşmagyň zerurlygy ýok.

Garamagyndaky býujet edaralarynyň tassyklanalan girdeji-çykdajy sanawlary, şol sanawy tassyklaýan ýokarda durýan guramanyň ýolbaşçysy (ýa-da ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan gol çekilmegi, tassyklanan senesiniň görkezilmegi, şeýle hem girdeji-çykdajy sanawynyň ähli nusgalaryna bu guramanyň möhüriniň basylmagy bilen resmileşdirilýär.

Tassyklanan girdeji-çykdajy sanawynyň birinji nusgasy býujet edarasyna iberilýär, ikinji nusgasy ony tassyklan ýokarda durýan guramasynda galýar.

33. Türkmenistanyň ministrlikleri we pudak edaralary, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlikleriniň müdirlikleri we bölümleri garamagyndaky býujet edaralary boýunça girdeji-çykdajy sanawlaryny tassyklamaklyk tamamlanandan soň Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň degişli müdirliklerine,

welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliklerine, etraplaryň, şäherleriň maliýe bölümlerine garamagyndaky býujet edaralary boýunça býujetden daşary serişdeleriniň girdeji-çykdajy sanawlarynyň tassyklanylandygy baradaky güwänamalaryň sanawyny şu Tertibiň 3-nji goşundysyna laýyklykda düzýärler we maliýe ýylyň 1-nji apreline çenli berýärler. Bu sanawyň esasynda maliýe edaralary tarapyndan bu sanawda görkezilen möçberleriň tassyklanan jemleýji girdeji-çykdajy sanawlaryndaky umumy möçberlere laýyk gelşine gözegçilik amala aşyrylýar. Minstrlikler, pudak edaralary görkezilen güwänamalaryň sanawyny garamagyndaky Merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän edaralar boýunça welaýatlara we Aşgabat şäherine (edaralaryň ýerleşýän ýerine baglylykda) bölmek bilen düzýärler. Bu güwänamalaryň sanawlary Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň degişli birlikleri tarapyndan welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliklerine Merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän edaralar boýunça geçirilýän çykdajylara gözegçilik etmek we barlamak üçin iberilýär.

34. Eger-de, býujet edarasy tarapyndan bellenen tertipde tassyklamak üçin berlen, girdeji-çykdajy sanawy maliýe ýylynyň 1-nji ýanwaryna çenli tassyklanylmasa, onda şol edara girdeji-çykdajy sanawy tassyklanylýança, emma 1-nji martdan giç bolmadyk döwürde, berlen girdeji-çykdajy sanawynda hasaplanan möçberleriniň çäklerinde, ýöne her aýda çykdajylaryň ýyllyk möçberiniň on ikiden bir böleginden köp bolmadyk möçberde çykdajylary amala aşyrmaga rugsat berilýär. Maliýe ýylynyň 1-nji martyndan soň girdeji-çykdajy sanaw tassyklanylýança çykdajy etmäge ýol berilmeýär.

35. Tassyklanan girdeji-çykdajy sanawlarynyň hereketi maliýe ýylynyň tamamlanmagy bilen bes edýär.

## IV. Girdeji-çykdajy sanawlaryny gaýtadan tassyklamagyň we olara degişli üýtgetmeleri girizmegiň tertibi

36. Eger girdeji-çykdajy sanawyny ýerine ýetirmegiň barşynda maliýe ýylynyň dowamynda býujetden daşary hasaba hakyky gelip gowşan serişdeleriniň möçberi girdeji-çykdajy sanawynda göz öňünde tutulan möçberinden artyk (ýokary) bolsa, ýa-da girdeji-çykdajy sanawynda göz öňünde tutulmadyk maksatlaýyn maliýeleşdirmek üçin serişdeler gelip gowşan bolsa, onda artyk (goşmaça) alnan serişdeler şol býujet edaralarynyň girdeji-çykdajy sanawlary gaýtadan tassyklanandan şol ýylda harç edilip bilner.

Girdeji-çykdajy sanawlaryny ylalaşmak we gaýtadan tassyklamak şu Tertibiň talaplaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

37. Aýry-aýry býujet edaralarynyň girdeji-çykdajy sanawlaryna çykdajylaryň bir maddasyny artdyrmak we beýleki maddasyny azaltmak ýa-da býujetden daşary serişdeleriň bir görnüşiniň girdeji-çykdajy sanawyndan býujetden daşary serişdeleriň beýleki bir görnüşiniň girdeji-çykdajy sanawyna serişdeleri geçirmek ýoly bilen üýtgetmeleri (takyklamalary) girizmäge diňe aýratyn ýagdaýlarda, girdeji-çykdajy sanawyny tassyklanan (ylalaşan) guramalaryň rugsady bilen,

býujet edarasynyň ýazmaça ýüz tutmasynyň esasynda we azaldylýan madda boýunça kreditor berginiň emele gelmek ähtimallygy ýok bolan şertinde rugsat berilýär.

Görkezijileri üýtgetmek (takyklamak) Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanan, býujet görkezijilerine takyklamalary resmileşdirmegiň tertibine laýyklykda amala aşyrylýär.

## V. Býujetden daşary serişdeler boýunça girdejileriň gelip gowuşmagynyň tertibi

38. Býujet edarasynyň býujetden daşary serişdeleri boýunça býujetden daşary hasabyna ýuridik şahs bolup durýan töleýjilerden gelýän girdejiler (gelip gowuşmalar) nagt däl geçirmeler görnüşde gelip gowuşmalydyr.

Töleýjiler bolup durýan şahsy adamlardan býujet edarasynyň býujetden daşary hasabyna gelýän girdejiler (gelip gowuşmalar) geçirmeler ýoly bilen ýa-da hereket edýän kadalara laýyklykda pulhanalaryň bolmagyna rugsat edilen bolsa, edaranyň pulhanasyna göni ýa-da bankyň üsti bilen nagt görnüşde gowşup biler.

Býujetden daşary serişdeleriň gelip gowuşmalary boýunça nagt pullary edaranyň buýrugy bilen şu iş öz üstüne ýüklenen adam hem kabul edip biler. Pul serişdeleriniň kabul edilip alnandygy barada töleýjilere bellenen nusgadaky resminama berilýär.

## VI. Býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdelerini harçlamagyň tertibi

39. Býujet edaralary býujetden daşary serişdelerini tassyklanan girdeji-çykdajy sanawlarynyň esasynda we çäklerinde maksatlaýyn ugry boýunça we býujetden daşary serişdeleriň her bir görnüşi boýunça hakyky gelip gowuşmalaryň çäklerinde harçlamaga borçludyrlar.

Önümleri ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary etmekden ýa-da beýleki girdeji getirýän işi amala aşyrmakdan alnan býujetden daşary serişdeler şol işler bilen göniden-göni bagly çakdajylary amala aşyrmak üçin harç edilýär, şeýle hem, býujet edarasynyň esasy işini bölekleýin maliýeleşdirmek üçin gönükdirilip bilner, şunda bu gönükdirilen serişdeleriň möçberine barabar býujetden berilýän serişdeleriň göwrümi azaldylýar.

40. Býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdeleriň hasabyna satyn alnan esasy serişdelerini, maddy gymmatlyklaryny we beýleki emläklerini ulanmak, saklamak we abatlamak bilen bagly çykdajylar ilkinji nobatda şol serişdeleriň hasabyna geçirilýär.

Býujetden daşary serişdeleriň hasabyna satyn alnan emlägi (esasy serişdeleri, materiallary we ş.m.) ýerlemekden alnan serişdeler býujet edarasynyň býujetden daşary hasabyna geçirilýär.

41. Býujetden daşary hasapdan serişdeleri bermek we geçirmek töleg tabşyrygynyň ýa-da çekiň esasynda amala aşyrylýar. Hasabyň debetinde gaznaçylygyň býujetden daşary hasabynyň kody (belgisi) görkezilýär. Töleg tabşyrygynyň ýokarky sag burçunda töleýji býujet edarasynyň býujetden daşary hasabynyň belgisi, şeýle hem ykdysady toparlanma boýunça çykdajynyň kiçi toparynyň belgisi çap edilýär.

Töleg tabşyryklary degişlilikde Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriniň, etraplaryň, şäherleriň maliýe bölümleriniň gaznaçylyk birliklerine alty nusgada berilýär. Býujet edarasynyň wezipeli adamlary töleg tabşyrygynyň ikinji nusgasyna gol çekýärler.

Hödürlenen töleg resminamasy gaznaçylyk tarapyndan, onuň Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanan býujet sarp edijileriniň hasaplaşyk-töleg resminamalaryny resmileşdirmegiň talaplaryna laýyk dogry gelşine deslapdan barlanandan soň kabul edilýär.

Nädogry resmileşdirilen töleg resminamalary gaznaçylyk tarapyndan kabul edilmeýär.

42. Gaznaçylyk birlikleri tarapyndan töleg resminamasynyň gelip gowşuşyny hasaba alynýar we şu Tertibiň 4-nji goşundysyna laýyklykda netijenamany goşmak bilen býujet çykdajylarynyň auditi bölümine (nyrhlary barlamak kiçi bölümine) seretmek üçin berilýär. Býujet çykdajylarynyň auditi bölümi (nyrhlary barlamak kiçi bölümi) satyn alynýan harytlaryň we edilýän hyzmatlaryň bahasynyň esaslandyrylandygyny barlaýar. Onuň üçin zerur bolan hasaplama resminamalary berilýär. Zerur bolan halatynda barlag ýerine baryp görmek bilen amala aşyrylýar. Nyrhlar ýokarlandyrylyp bellenen bolsa tölegler geçirilmeýär we töleg resminamalary sebäplerini görkezmek bilen ýerine ýetirilmän yzyna gaýtarylýar.

Tölegi geçirmäge rugsat berlen ýagdaýynda netijenama audit bölümi (nyrhlary barlamak kiçi bölümi) tarapyndan gol çekilýär we töleg resminamasy mundan beýläk seretmegi dowam etmek üçin degişli pudaklaýyn birliklere (Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň pudak müdirliklerine, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriniň býujet bölümlerine, etraplaryň, şäherleriň maliýe bölümleriniň bölümçelerine) berilýär.

43. Pudaklaýyn birlikler tölegleriň maksada laýyklygyny we girdeji-çykdajy sanawyna laýyk gelşini barlaýarlar. Tölegi geçirmäge rugsat berlen ýagdaýynda tabşyrygyň ikinji nusgasyna we netijenama (çek boýunça güwänama) müdirligiň, bölümiň, kiçi bölümiň başlygy gol çekýär we soňra töleg resminamasy gaznaçylyk birligine tölegi geçirmek üçin berilýär.

Tölegiň bellenen maksada laýyk gönükdirilmedik ýa-da girdeji-çykdajy sanawynyň degişli maddasynda bellenen möçber bolmadyk (ýetmedik) halatynda töleg resminamasy sebäplerini görkezmek bilen ýerine ýetirilmän yzyna gaýtarylýar.

44. Býujetden daşary hasapda serişdeleriň ýeterlik galyndysy bar bolan halatynda, gaznaçylyk birligi tarapyndan töleg tabşyrygynyň birinji nusgasy ýa-da çek resmileşdirilýär we ýerine ýetirmek üçin hyzmat edýän banka iberilýär.

Býujetden daşary hasap boýunça töleg geçirilenden ýa-da serişdeler gelip gowşandan soň hyzmat edýän banklar hasapdan göçürmäni hem-de debet we kredit dolanşyklary boýunça ýerine ýetirilendigi baradaky möhürçesi basylan töleg tabşyrygynyň iki (ýa-da bir) nusgasyny gaznaçylyk birligine berýärler.

Býujet edarasynyň býujetden daşary hasabyndan göçürmesi gaznaçylyk tarapyndan hasap boýunça debet ýa-da kredit dolanşygy amala aşyrylanda berilýär we gaznaçylygyň (bankyň) möhürçesi basylan girdeji we(ýa-da) çykdajy töleg resminamasynyň bir nusgasyny goşmak bilen býujet edarasyna gowşurylýar.

45. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliklerinde, etraplaryň, şäherleriň maliýe bölümlerinde Merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän edaralar boýunça geçirilýän çykdajylaryň tassyklanan girdeji-çykdajy sanawyna laýyk gelşini barlamak we gözegçilik etmek meseleleri, bellenen tertipde borçlaryň paýlanylyşyna baglylykda gazna bölüminiň (bölümçesiniň) ýa-da býujet bölüminiň (bölümçesiniň) üstüne ýüklenilýär.

46. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hasaplanylan salgytlaryň we býujete tölegleriň pul möçberleri, girdeji-çykdajy sanawlarynda göz öňünde tutulan jemlerinden az ýa-da ýokary bolandygyna garamazdan doly derejede býujete geçirilýär. Şunda tassyklanan girdeji-çykdajy sanawlaryna üýtgetmeleri (takyklamalary) girizmek ýa-da olary gaýtadan tassyklamak talap edilmeýär.

47. Maliýe serişdelerini ulanmagyň tertibiniň bozulandygy ýüze çykarylan ýagdaýynda gaznaçylyk birlikleriniň býujetden daşary hasap boýunça amallary we girdeji-çykdajy sanawlarynyň hereketini togtatmaga haklary bardyr.

## VII. Býujetden daşary serişdeleri hasaba almagyň we olar boýunça hasabatlylygy alyp barmagyň we bermegiň tertibi

48. Býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdeleri şol edaralar üçin býujet hasaplary açylan gaznaçylyk birliklerinde býujetden daşary hasaplarda saklanýar.

49. Eger girdeji-çykdajy sanawlarynyň ýerine ýetirilişiniň buhgalterçilik hasaba alnyşy merkezleşdirilen hasaphana tarapyndan amala aşyrylýan bolsa, onda bu hasaphana tarapyndan hyzmat edilýän ähli edaralar üçin býujetden daşary serişdeler boýunça býujetden daşary bir hasap açylýar. Şol býujetden daşary hasap merkezleşdirilen hasaphananyň ýerleşýän edarasyna açylýar, hasaba alnyş bolsa her bir edara boýunça aýratynlykda alnyp barylýar.

50. Býujetden daşary serişdeleri hasaba almak we olar boýunça hasabatlylyk, buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy boýunça Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we şu Tertibe laýyklykda amala aşyrylýar.

Seljermek maksady bilen býujet edarasynyň býujet serişdeleriniň hem-de býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna satyn alnan emläginiň (esasy serişdeler, materiallar we ş.m.) hasaba alnyşy aýratynlykda ýöredilýär.

51. Her aýda gaznaçylyk birlikleri hasabat döwri tamamlanadan soň bir hepde möhletde býujet edarasyna býujetden daşary hasabyň balansyndan aýdyňlaşdyrmasy bilen göçürmäni berýär, onuň esasynda býujet edarasy şu Tertibiň 5-nji goşundysyna laýyklykda býujetden daşary serişdeleriň her bir görnüşi boýunça ösýän jem bilen hasabat düzýär.

52. Gaznaçylyk birliklerine her çärýekde aşakdaky hasabatlar berilýär:

1) ministrlikler, pudak edaralary, häkimlikleriň müdirlikleri we bölümleri tarapyndan gönüden-göni ygtyýarlygyndaky býujetden daşary serişdeleriň girdeji-çykdajy sanawlarynyň ýerine ýetirilişi baradaky;

2) býujet edaralary tarapyndan býujetden daşary serişdeleriň özbaşdak girdeji-çykdajy sanawlarynyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlar;

Ministrlikler, pudak edaralary, häkimlikleriň müdirlikleri we bölümleri tarapyndan býujetden daşary serişdeler boýunça jemleýji girdeji-çykdajy sanawlarynyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabat Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň pudak müdriliklerine, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriniň býujet bölümlerine, etraplaryň, şäherleriň maliýe bölümleriniň býujet bölümçelerine her çärýekde berilýär.

Býujetden daşary serişdeleriň girdeji-çykdajy sanawlarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabatlara, býujet boýunça çykdajy sanawlarynyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlara seretmek bilen bir wagtda seljerilýär.

53. Maliýe ministrliginiň Gazna müdirligi merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän edaralar boýunça ministrliklere, pudak edaralaryna bölmek bilen, ýerli býujetden maliýeleşdirilýän edaralar boýunça welaýatlara we häkimlikleriň müdirliklerine we bölümlerine bölmek bilen, býujetden daşary serişdeleriň girdejileri we çykdajylary boýunça jemleýji hasabaty düzýärler. Gözegçilik etmek we seljerme geçirmek maksady bilen hasabatlaryň beýleki görnüşleri hem düzülip bilner.

## VIII. Jemleýji düzgünler

54. Býujetden daşary serişdeler boýunça salgytlar we býujete tölegler boýunça hasaplamalar býujet edaralary tarapyndan olaryň hasapda duran ýerindäki salgyt gulluklaryna berilýär.

Salgytlaryň we býujete tölegleriň dogry we doly hasaplanylşyna hem-de öz wagtynda geçirilişine salgyt edaralary tarapyndan „Salgytlar hakyndaky“ Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda amala aşyrylýar.

55. Býujet edaralarynyň býujetden daşary hasaplarynda maliýe ýylynyň ahyrynda emele gelen, ulanylmadyk býujetden daşary serişdeleriň ähli galyndylary şol edaralaryň ygtyýarlygynda galýar hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda alynmaga degişli däldir, şunda olar geljek ýyla geçirilýär we ygtyýarlyk edijiler tarapyndan şu Tertibiň düzgünlerine laýyklykda peýdalanylýar.

56. Türkmenistanyň ministrlikleri, pudak edaralary, häkimlikleriň müdirlikleri we bölümleri öz tabynlygyndaky býujet edaralarynyň býujetden daşary serişdeleriniň maksada laýyk we tygşytly harçlanylyşyna, olar tarapyndan býujetden daşary serişdeler boýunça buhgalterçilik hasaba alnyşynyň dogry alnyp barlyşyna we hasabatlylygyň dogry düzülişine yzygiderli gözegçiligi amala aşyrmaga borçludyrlar, şeýle hem olaryň Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan peýdalanmaga rugsat berilmedik girdejileri býujetden daşary serişdeler hökmünde peýdalanmaklaryna ýol bermeli däldirler.

57.Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň müdirlikleri, ýerli maliýe edaralary:

1) býujet edaralarynyň býujet çykdajylarynyň ýerine ýetirilişi baradaky jemleýji hasabatlaryna seretmek bilen bir wagtda girdeji-çykdajy sanawlarynyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlylygy seljermäge we ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek boýunça teklipleri girizmäge;

2) degişli pudaklaryň býujet edaralary üçin býujetden daşary serişdeleri emele getirmek baradaky kabul edilen çözgütleriň hasabyny ýöretmäge;

3) býujetden daşary serişdeleri bar bolan býujet edaralaryny hojalyk hasaplaşygyna geçirmek mümkinçiligini we şertlerini yzygiderli öwrenmäge.